**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

**2024-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna**
на 1 мая 2024 года

**Aşgabat 2024**

# Mazmuny / Содержание


## HABARLAR / НОВОСТИ

SANLY BANK HYZMATLARY BABATDA
TALYP ÝAŞLARYŇ SOWATLYLYGYNY ARTDYRMAK BOÝUNÇA
OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI
3

BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAK
BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI
4

«BERKARAR DÖWLETIŇ TÄZE EÝÝAMYNYŇ GALKYNYŞY DÖWRI:
AKYLDAR ŞAHYRYŇ ARZUWLAN ZAMANASY» ATLY AÝDYM-SAZLY
DABARALY MASLAHAT GEÇIRILDI
5

## SELJERIŞ MAKALALARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ

MILLI YKDYSADYÝETIMIZIŇ INNOWASION ÖSÜŞ ÝOLY
6

DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞIŇ YGTYBARLY ESASY
9

MILLI YKDYSADYÝETIMIZIŇ DÖWREBAP ÖZGERTMELERI
11

DÖWREBAP BANK HYZMATLARY
13

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
15

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
17

# SANLY BANK HYZMATLARY BABATDA TALYP ÝAŞLARYŇ SOWATLYLYGYNY ARTDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

Şu ýylyň aprel aýynyň dowamynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gurnamagynda ýurdumyzyň bank ulgamynyň hünärmenleri tarapyndan sanly ulgamda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň görnüşleri, aýratynlyklary, geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň mümkinçilikleri maglumat howpsuzlygy, kiberhowpsuzlygy barada talyp ýaşlaryň sowatlylygyny artdyrmak boýunça okuw maslahatlary geçirildi.

Okuw maslahatlary Berdimuhammet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebiniň, Saçly Dursunowa adyndaky Arkadag şäher lukmançylyk orta hünär okuw mekdebiniň, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň, Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Mary şäherindäki Jemagat hojalygy orta hünär okuw mekdebiniň, Lebap welaýat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebiniň, Mary welaýat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebiniň, «Türkmengaz» döwlet konserniniň Mary nebitgaz orta hünär okuw mekdebiniň, Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň, Daşoguzyň Magtymguly Garlyýew adyndaky ýörite sungat mekdebiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentligine degişli «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň politehniki orta hünär okuw mekdebiniň, «Türkmenhowaýollary» agentliginiň howa ulaglarynyň işgärlerini taýýarlaýan mekdebiniň, «Türkmendemirýollary» agentliginiň Aşgabat şäherindäki demir ýol ulaglary orta hünär okuw mekdebiniň, şeýle hem «Türkmendeňizderýaýollary» agentliginiň Türkmenbaşy şäherindäki deňizçilik orta hünär okuw mekdebiniň we beýleki orta hünär okuw mekdepleriniň edara binalarynda geçirildi.

Geçirilen okuw maslahatlarynda talyp ýaşlara ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan ýerine ýetirilýän sanly bank hyzmatlary, bank kartlary, töleg terminallary, bankomatlar, «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal» ulgamlary, «NFC» hem-de «QR-kod» tehnologiýalaryny ulanmak arkaly «Galtaşyksyz töleg», «Rysgal Pay», «Talyp tölegi», «Sanly kart», «Senagat töleg» we beýleki birnäçe ornaşdyrylan sanly programma üpjünçilikleri we olaryň amatlyklary barada giňişleýin gürrüň berildi.

Mundan başga-da onlaýn görnüşde karzlary resmileşdirmek, bank hasaplary barada maglumatlary elektron görnüşinde almak, elektron tabşyrygyny taýýarlap, internet arkaly töleg geçirimlerini amala aşyrmak, onlaýn görnüşinde täze bank kartlaryny açmak, bir kartdan beýleki bir karta pul serişdelerini geçirmek ýaly ugurlarda çykyşlar diňlenildir.

Bank ulgamynyň hünärmenleriniň gatnaşmagynda geçirilen okuw maslahatlaryna ýurdumyzyň ýokary we ýörite orta hünär okuw mekdepleriniň 1600-e golaý talyp ýaşlary gatnaşdy. Geçirilen okuw maslahatlary mugallymlaryň we talyplaryň gyzyklanýan soraglaryna berlen jogaplar bilen jemlenildi.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

Şu ýylyň aprel aýynyň dowamynda TMB-niň Turkmenistanyň Gahrymany A.Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde we Awaza milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde ýurdumyzyň bank ulgamynyň hünärmenleri üçin hünäri ýokarlandyryş okuw maslahatlary geçirildi.

2024-nji ýylyň aprel aýynyň 8-12-nji senelerinde ýurdumyzyň banklarynyň Auditor gulluklarynyň we içerki gözegçilik bölümleriniň hünärmenleri üçin Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde geçirilen «Bank auditi» atly okuw maslahatynda auditorlyk işine ygtyýarnama bermekligiň tertibi, banklarda kassa amallarynyň auditi, auditorlyk barlagynyň usullary we subutnamalary, maliýe seljermesiniň mazmuny, ähmiýeti we wezipeleri, bankyň içki amallarynyň auditi, banklarda içerki auditiň orny, banklarda içerki gözegçilik we içerki auditiň guralyşy, auditor barlagynyň netijesiniň resmileşdirilişi ýaly ugurlarda degişli maglumatlar bilen çykyşlar edildi.

Şu ýylyň aprel aýynyň 8-12-nji senelerinde ýurdumyzyň banklarynyň Ykdysady seljeriş we maliýe syýasaty bölümleriniň hünärmenleri üçin «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde geçirilen «Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty» atly okuw maslahatynda halkara maliýe guramalary we olaryň ýurdumyz bilen hyzmatdaşlygy, daşary söwda gatnaşyklary, bank amallaryny seljermegiň aýratynlyklary, makroykdysady görkezijiler we olaryň çaklamasy, maliýe bazarlary, maliýe programmirlemek, pul-karz we maliýe syýasaty we olaryň aýratynlyklary, maliýe töwekgelçilikleriniň aýratynlyklary we sebäpleri ýaly ugurlar boýunça bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

2024-nji ýylyň aprel aýynyň 22-26-njy senelerinde ýurdumyzyň banklarynyň Pul dolanyşygy we kassa amallaryna gözegçilik bölümleriniň hünärmenleri üçin Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde geçirilen «Pul dolanyşygy we kassa amallaryna gözegçilik» atly okuw maslahatynda inkassasiýa işini kadalaşdyrýan gözükdirijiler we düzgünnamalar, girdeji we çykdajy pulhanalarynda amallary geçirmegiň tertibi, gaýtadan sanaýyş pulhanalarynyň işiniň tertibi, nagt pullar bilen bagly işi guramagyň tertibi, nagt pullaryň taýýarlanylyşy we gaplanylyşy, pullaryň we beýleki gymmatlyklaryň saklanylyşynyň, hasaba alynyşynyň we pul gaznasynyň gapysynyň açylyş we ýapylyş tertibi barada çykyşlar diňledildi.

2024-nji ýylyň aprel aýynyň 22-26-njy senelerinde ýurdumyzyň karz edaralarynyň hünärmenleri üçin «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde geçirilen «Pul dolanyşygy we kassa amallaryna gözegçilik» atly okuw maslahatynda nagt pullary we gymmatlyklary inkassirlemegiň tertibi, karz edaralaryny nagt pul bilen berkitmegiň we olaryň gymmatlyklaryny daşamagyň tertibi, banklaryň pul gaznalaryny pasportlaşdyrmagyň tertibi, oba hojalyk we şoňa meňzeş önümler ilatdan satyn alnanda hasaplaşyklaryň geçirilişi, kagyz hem-de şaýy pullaryň öndürilişi, banklaryň kassa dolanyşygynyň girdeji we çykdajy böleginiň çaklamasynyň düzülişi barada giňişleýin çykyşlar diňledildi.

Ýurdumyzyň bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek boýunça kabul edilen kadalaşdyryjy hukuknamalar, müşderilere hyzmat etmegiň döwrebap usullary, bank işgäriniň hünärini kämilleşdirmek boýunça daşary ýurt tejribelerini paýlaşmak geçirilen okuw maslahatlarynyň esasyny düzdi.

Meýilnama laýyklykda geçirilen okuw maslahatlaryna bank ulgamynyň 120-den gowrak işgäri gatnaşdy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# «BERKARAR DÖWLETIŇ TÄZE EÝÝAMYNYŇ GALKYNYŞY DÖWRI: AKYLDAR ŞAHYRYŇ ARZUWLAN ZAMANASY» ATLY AÝDYM-SAZLY DABARALY MASLAHAT GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň 18-nji aprelinde Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň mejlisler jaýynda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri: akyldar şahyryň arzuwlan zamanasy» atly aýdym-sazly dabaraly maslahat geçirildi. Oňa ýurdumyzyň tanymal döredijilik işgärleri, bank ulgamynyň hünärmenleri, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň, şeýle hem Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň mugallymlary we talyplary gatnaşdylar.

Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilen çäräniň başynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar gaznasynyň akyldar şahyra bagyşlanan sergisine syn edildi.

Dabarada çykyş edenler Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan çäreleriň dünýä ýüzünde dabaralanýandygy, Gahryman Arkadagymyzyň we akyldar şahyryň eserlerinde ýaşlary watansöýüjilikli ruhda terbiýelemegiň waspy, onuň özüniň gözel, çuň manyly döredijiligi bilen türkmen we dünýä edebiýatynyň baý hazynasyna ägirt uly goşant goşan beýik pelsepeçidigi barada täsirli gürrüň berdiler. Dabaranyň dowamynda Türkmenistanyň halk ýazyjysy Döwletgeldi Annamyradow hem-de şahyr Gülşirin Hanowanyň beýik akyldaryň türkmen halkynyň durmuş mekdebi hökmünde ýurduň özygtyýarlygy we gülläp ösüşi, döwleti dolandyrmagyň kadalary, ylym-bilimi goldamak, rehimlilik, hormat goýmak, jomartlyk, myhmansöýerlik, bitewilik baradaky nesihat beriji goşgulary barada aýratyn belläp geçdiler.

Türkmenistanyň at gazanan artistleri Tirkeş Mätnazarowyň, Aýgül Ýagşyýewanyň we Dürjemal Çaňlyýewanyň, Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Nurberdi Hudaýberdiýewiň, Türkmenistanyň Nebitgaz ministrliginiň «Türkmengaz» döwlet konserniniň döwlet medeni-işewürlik merkeziniň Halk saz gurallary ansamblynyň uly bagşysy Döwletgeldi Nurgeldiýewiň akyldar şahyryň goşgularyna döredilen aýdymlary ýerine ýetirmekleri ýygnananlarda ýakymly täsir galdyrdy.

Dabaranyň ahyrynda milli medeniýetimizi dünýä ýaýmakda beýik işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyna alkyş sözleri aýdyldy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**



## SELJERIŞ MAKALALARY

# MILLI YKDYSADYÝETIMIZIŇ INNOWASION ÖSÜŞ ÝOLY

Döwletimiziň ýaşyl ykdysadyýeti – ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge, daşky gurşawy goramaga, biodürlüligi saklamaga hem-de rejeli peýdalanmaga gönükdirilendir. Ýurdumyzyň baý ösümlikdir haýwanat dünýäsi bilen tapawutlanýan gözelligini gorap saklamak, ylmy taýdan çuňňur öwrenmek we geljekki nesillere ýetirmek häzirki döwrüň esasy aýratynlygydyr.

Türkmenistanyň Konstitusiýanyň 53-nji maddasynda her bir raýatyň jany we saglygy üçin amatly daşky gurşawa, onuň ýagdaýy barada hakyky maglumata hem-de ekologiýa kanunçylygynyň bozulmagy ýa-da tebigy betbagtçylyk netijesinde saglygyna, emlägine ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyna hukugynyň bardygy, döwletiň ilatyň sagdyn ýaşaýyş şertlerini goramak, üpjün etmek, daşky gurşawy goramak, onuň durnukly ýagdaýyny saklamak maksady bilen tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylyşyna gözegçilik edýändigi, her bir raýatyň tebigaty goramaga, daşky gurşawa we tebigy baýlyklara aýawly çemeleşmäge borçludygy kadalaşdyryldy. Munuň özi tebigy baýlyklary geljek nesiller üçin gorap saklamakda we ekologik howpsuzlygy üpjün etmekde-de möhüm ähmiýete eýedir.

Ýurdumyzyň tebigy-howa şertleri energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerini netijeli özleşdirmekde giň mümkinçilikleri açýar. Ýurtda günüň we ýeliň, suw gaýtgynynyň, biomassanyň we geotermal çeşmeleriň energiýasyny hojalyk maksatlarynda peýdalanmagyň uly geljeginiň bardygyny bellemek bolar.



Bu ugurda «Altyn asyr» türkmen kölüni ýakalap oturan ýerleri, Hazaryň kenarýakasyny, hususan-da, Türkmenbaşy şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumyny döwrebaplaşdyrmak, ony täze tehnikalar bilen üpjün etmek, halkara ülňüsine laýyk gelýän «Ýaşyl port» deňiz menzilini, Garabogaz sebitlerini hojalyk taýdan has netijeli özleşdirmek boýunça geçirilýän çäreleri görkezmek bolar. Bu çareler ýaşyl ykdysadyýet ýörelgesine geçişi üpjün etmekde möhüm ädim bolup durýar.

«Türkmenistanyň 2013 — 2020-nji ýyllar üçin Milli tokaý maksatnamasynyň» üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen, ilatly ýerleriň daş-töweregine ýaşyl zolaklary aýlamak, oba hojalyk meýdanlarynyň daşynda goraýjy tokaý zolaklaryny döretmek, dag arçalarynyň, çöl sazaklarynyň tokaýlaryny we kenarýaka jeňňellikleri gaýtadan dikeltmek işleri üstünlikli ýerine ýetirildi. Bu ugurda geçirilýän işleriň çäklerinde Bitaraplygymyzyň 25 ýyllygy mynasybetli Aşgabadyň daş-töwereginde we welaýatlarda 25 million, Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllygy mynasybetli 30 million agaç nahallary oturdyldy. 2020-nji ýylda ýurdumyzyň BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasy tarapyndan yglan edilen «Şäherlerdäki baglar» atly halkara maksatnamasyna goşulmagy bolsa daşky gurşawy goramak hem-de ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek boýunça geçirilýän işleriň aýdyň subutnamasydyr.

Nahallary köpçülikleýin oturtmak bilen baglanyşykly geçirilýän dabaralar ýurdumyzda indi asylly däbe öwrüldi. Bu işleriň netijesinde akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň «Reňbe-reň gül açar ýaşyl ýaýlasy, Gark bolmuş reýhana çöli türkmeniň —» diýip wasp edişi ýaly eziz Diýarymyz gül-gülüstanlyga, bagy-bossanlyga öwrülýär. «Türkmenistanyň

2021 — 2025-nji ýyllar üçin Milli tokaý maksatnamasynyň» kabul edilmegi bolsa bu asylly işleriň mynasyp dowamyna öwrüldi.

Ýurtda ýaýbaňlandyrylan giň möçberli maksatnamalaryň çäklerinde paýtagtymyzyň daş-töwereginde we welaýatlarda tokaý zolaklarynyň emele getirilmegi, Merkezi Garagumda «Bereketli Garagum» döwlet tebigy goraghanasynyň, Hazaryň kenarynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmegi we ekologik howpsuzlygy üpjün etmek boýunça möhüm çözgütleriň kabul edilmegi daşky gurşawy goramak meselesine milli derejede örän uly ähmiýet berilýändigine aýdyň şaýatlyk edýär. Garagumuň jümmüşinde gurlan «Altyn asyr» Türkmen köli diňe bir sebitde däl, eýsem, dünýä boýunça hem iň uly ekogidrotehniki taslamalaryň biri bolup durýar. Ummasyz maýa goýum gönükdirilen Türkmen köli ýurdumyzyň dünýäniň suw gorlaryny aýawly saklamak bilen bagly ählumumy meseleleri çözmäge uly goşant goşýandygyny subut edýän hakyky innowasion taslamadyr.

Köpetdagyň dag eteginde ýerleşýän Arkadag şäheri öňdebaryjy, sanly maglumat-aragatnaşyk we «ýaşyl» tehnologiýalara esaslanýan döwrebap akylly şäheriň aýdyň nusgasydyr. Bu ýerde ekologiýa ýaly möhüm ugra aýratyn üns berilýär. Şäheriň birinji tapgyryndaky desgalaryň gurluşygynda ekologik taýdan arassa serişdeler ulanyldy. Arkadag şäheriniň «Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sebitinde durnukly, «ýaşyl», howa üçin oňaýly we innowasion çözgütli şäherleri ösdürmek» taslamasyna goşulandygy baradaky güwänamanyň berilmegi bu ulgamda öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli çözülýändigine şaýatlyk edýär. Şäherde ekologiýa talaplaryna laýyk gelýän sazlaşykly ýol-ulag düzüminiň döredilendigini hem bellemek gerek. Döwrebap innowasion tehnologiýalaryň talaplaryna laýyk gelýän, elektrik energiýasy bilen işleýän elektromobil taksiler we elektrobuslar şäherde ekologik abadançylygyň gowulandyrylmagyny üpjün edýär, ýolagçylara ýokary hilli hyzmatlary hödürleýär. Şäheriň durmuş ulgamy Gün batareýalarynyň, ýel elektrik generatorlarynyň we beýleki döwrebap tehnologiýalarynyň esasynda guralandyr.

Häzirki wagtda BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna goşulan Türkmenistanda ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna daşky gurşawa zyýan ýetirmeýän önümçilik tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, tygşytlaýjy we ekologik taýdan arassa jemgyýeti döretmek boýunça hem yzygiderli tagalla edilýär. Şunda suw serişdelerini tygşytlamak, gaýtadan dikeltmek, suw çeşmelerini goramak, ýerleriň şorlaşmagynyň öňüni almak ýaly giň gerimli işler alnyp barylýar. Hormatly Prezidentimiziň bu boýunça Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde 2023-nji ýylyň 1-2-nji dekabrynda geçirilen BMG-niň Baş





Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda «Türkmenistan BMG-niň geljek ýyllar üçin işiniň esasy ugurlarynyň arasynda howa we ekologiýa meselelerini çözmegi möhüm hasaplaýar» diýip, bellemek bilen Türkmenistan döwletimiziň ekologiýa meselelerini çözmek boýunça ýokary derejede hyzmatdaşlyk etmek üçin halkara platforma bolmaga hemişe taýýardygy nygtady.

Hormatly Prezidentimiziň taryhy çykyşyndaky howanyň üýtgemegi hem-de ekologiýa howpsuzlygy baradaky milli garaýyşlaryň beýanynyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň resminamasy hökmünde BMG-niň alty resmi dilinde neşir edilip ýaýradylmagy ýurdumyzyň hem-de dünýäniň ekologiýa strategiýalary babatda möhüm çäredir.

Türkmenistanyň başlangyçlary boýunça soňky ýyllarda BMG-niň Baş Assambleýasy «Birleşen Milletler Guramasynyň we Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk», BMG-niň Aziýa we Ýuwaş umman sebiti üçin Ykdysady we durmuş komissiýasy «BMG-niň Aral deňziniň basseýni üçin ýörite maksatnamasyny döretmek» atly Kararnamalary kabul etdi.

Halk köpçüliginiň, aýratynam önümçilik pudaklarynda zähmet çekýän raýatlaryň ekologiki aň-düşünjesini artdyrmak «ýaşyl ykdysadyýetli» jemgyýeti kemala getirmekde möhüm ähmiýete eýedir. Şeýle umumadamzat bähbitli taslamanyň many-mazmunynyň halkyň milli-ruhy ýörelgeleri we däp-dessurlary bilen äheňdeşligi ýurdumyzda bu ugurda amala aşyrylýan özgertmelere raýatlarymyzyň aň-düşünjeli garaýşyny üpjün edýär.

Türkmenistanyň Hormatly Prezidentiniň hut öz baştutanlygynda sanly tehnologiýalary peýdalanmagyň hasabyna milli ykdysadyýetiň binýadyny has-da kämilleşdirmek, gaýtadan işleýän kärhanalary bank karz serişdeleri bilen üpjün etmek we önümçiligiň galyndysyz alnyp barylýan bu ugruna maýa goýumlaryň goýulmagy esasynda ýurdumyzda gaýtadan işleýän senagatyň ösmegine we ykdysadyýetiň girdejili ulgamyna öwrülmegine uly itergi berýär.

**Gülsere AHMEDOWA,**
Aşgabat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy

## SELJERIŞ MAKALALARY

# DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞIŇ YGTYBARLY ESASY

Ösüşleriň we özgertmeleriň ynamly ýoly bilen öňe barýan ýurdumyzda milli ykdysadyýetimizi çalt depginler bilen ösdürmek döwlet syýasatynda ileri tutulýan ugurlaryň biri bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda alnyp barylýan tutumly işleriň netijesinde ykdysadyýeti ösdürmek halkymyzyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga, ilatyň abadan we eşretli durmuşda ýaşamagyny üpjün etmäge gönükdirilýär.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna», şeýle hem «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2019 — 2025-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyna» laýyklykda, ykdysadyýeti diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, telekeçiligi goldamak, önümçilik maksatly kärhanalary gurmak, bar bolanlarynyň önümçilik kuwwatlylygyny artdyrmak we sanlylaşdyrmak, eksport maksatly harytlaryň möçberlerini artdyrmak babatdaky işler geljekde ykdysady taýdan uly ösüşleriň gazanylmagy üçin şertleri döredýär. Olar ykdysadyýetiň nebitgaz, himiýa, energetika, söwda, senagat, oba hojalygy ýaly ugurlaryny öz içine almak bilen, ykdysady syýasatyň möhüm strategiýasyny durmuşa geçirmekde täze mümkinçilikleri açýar. Şunuň bilen baglylykda, ykdysady durnuklylygy saklamak, kämil bazar ykdysadyýetini emele getirmek, dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalary bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek ileri tutulýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bank ulgamyny ösdürmeklige aýratyn üns berilýär. Sebäbi ulgam milli ykdysadyýetiň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Ulgamyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegi, bu ugurda ýokary görkezijileriň gazanylmagy ýurdumyzyň ösüşi bilen berk baglanyşyklydyr. Muny Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: «Alnyp barylýan pul-karz syýasatynyň strategik ugurlary pul dolanyşygynyň durnuklylygyny hem-de durnukly ykdysady ösüşi gazanmakdan, ilatyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmakdan, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny berkitmekden, bank ulgamynyň halkara maliýe bazarlaryna utgaşykly aralaşmagy üçin oňaýly makroykdysady şertleri döretmekden ybarat bolup durýar. Baş maksada ýetmekde bazar ykdysadyýetiniň wajyp düzüm bölegi bolan bank ulgamynyň ähmiýeti örän uludyr» diýen sözleri hem subut edýär.

Täze taryhy döwürde daşary döwletler bilen ykdysady hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmäge aýratyn üns berilýär. Köpugurly ykdysady gatnaşyklar dünýä tejribesini nazara almak bilen, deňhukuklylyk, özara bähbitlilik birek-birege hormat goýmak ýörelgeleri esasynda alnyp barylýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň ilkinji günlerinde Birleşen Arap Emirliklerine amala aşyran iş sapary geljegi uly ugurlarda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge täze itergi berdi. Bilşimiz ýaly, ýurdumyz uglewodorod serişdelerine baý ýurtlaryň hatarynda tanalýar. Nebitgaz toplumy milli ykdysadyýetiň esasy pudaklarynyň biri bolup durýar. Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, nebitiň we tebigy gazyň çykarylýan hem-de gaýtadan işlenilýän möçberini artdyrmak, türkmen energiýa serişdeleriniň we taýýar nebit, gazhimiýa önümleriniň eksportyny ýokarlandyrmak milli ykdysadyýetimiziň bu esasy pudagynyň öňünde durýan gaýragoýulmasyz wezipelerdir. Aziýanyň we Ýewropanyň çatrygynda amatly ýerde ýerleşýän döwletimiz dünýäde durnukly ösüşiň hatyrasyna halklarynyň bähbidine gönükdirilen energetika syýasatyny alyp barýar.

Gahryman Arkadagymyzyň Birleşen Arap Emirliklerine iş saparynyň dowamynda dünýä belli kompaniýalaryň ýolbaşçylary bilen geçiren duşuşyklary, ykdysady ugurlarda gol çekilen resminamalar ýurtlaryň ykdysady taýdan ösmeginde aýratyn ähmiýete eýedigi bilen tapawutlandy. Saparyň barşynda nebitgaz, ulag-aragatnaşyk, maliýe-bank ulgamlarynda hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek we pugtalandyrmak babatda gazanylan ylalaşyklar iki dostlukly döwletiň arasyndaky köpýyllyk gatnaşyklaryň geljeginiň uludygyny ýene-de bir gezek açyk-aýdyň görkezdi.

Hormatly Prezidentimiz: «Biziň içeri we daşary syýasatymyz, döwlet, halk, umumadamzat bähbitli beýik işlerimiz Garaşsyz döwletimizi hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösdürmäge, özara bähbitli we deňhukukly esasda daşary ykdysady gatnaşyklary giňeltmäge gönükdirilendir» diýip belläp geçýär. Şundan hem görnüşi ýaly, ajaýyp döwrümizde döwlet Baştutanymyzyň ýolbaşçylygynda alnyp barylýan durmuş-ykdysady strategiýada ýokary ykdysady ösüşleri gazanmaga aýratyn uly ähmiýet berilýär. Ýurdumyzy ýokary depginler bilen ösdürmegi baş maksat edinýän strategiýanyň durmuşa geçirilmegi bolsa adam we onuň bagtyýar durmuşy hakyndaky aladanyň kepilidir.

Ynsanperwer içeri we daşary syýasatynda merdana halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini gowulandyrmaga aýratyn üns berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun. Il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli alyp barýan beýik işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Arslan AŞYROW,**
Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň
Balkan şahamçasynyň Karzlaşdyryş we pul dolanşygy
bölüminiň baş hünärmeni

# MILLI YKDYSADYÝETIMIZIŇ DÖWREBAP ÖZGERTMELERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň ykdysadyýetini düýpli özgertmäge, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga, Garaşsyz Watanymyzy dünýäniň iň ösen döwletleriniň hataryna goşmaga gönükdirilen möhüm işler durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda häzirki ajaýyp döwrümizde sazlaşykly ösüşler gazanylýar, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi yzygiderli ýokarlandyrylýar. Häzirki döwürde durmuşa geçirilýän beýik işleriň, ylmyň we sanly tehnologiýalaryň ösdürilmegi netijesinde täze mümkinçilikler döredilýär. Şunda sanly tehnologiýalara düşünýän we milli ykdysadyýetimiziň ösüşine goşant goşup bilýän ýaşlaryň kemala gelmegi möhümdir. Ylymly-bilimli hünärmenler bolsa ösüşiň hereketlendiriji güýji hasaplanýar. Dünýäde bolup geçýän özgerişlikler,ylmy-tehnologik babatynda amala aşyrylýan bimöçber öňegidişlikler ýurdumyzyň ösüşine öz täsirini ýetirýär. Häzirki wagtda jemgyýeti we ykdysadyýeti ylymsyz we tehnologiýasyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Dürli ugurlarda bolşy ýaly, ykdysadyýetde hem sanly tehnologiýalara uly ähmiýet berilýär. Täze tehnologiýalaryň peýda bolmagy, sanly ulgamyň ösüşi işleriň sazlaşykly ýola goýulmagynda möhüm guraldyr. Sanly ulgamyň mümkinçilikleri her bir raýata elýeterli bolup, gündelik durmuşymyzda örän köp ýeňillikleri döredýär.

Durmuşa geçirilýän ykdysady özgertmelerde ýurdumyzyň bank ulgamy aýratyn ähmiýete eýedir. Durnukly bank ulgamy milli ykdysady ösüşiň girewi bolmak bilen, karz pul serişdelerini bermek, ilatyň erkin pul serişdelerini talap edilýänçe we möhlet goýumlara çekmek, çekilen serişdeleri maliýeleşdirmek we tölegleriň çalt we özwagtynda geçirilmegini üpjün etmek arkaly ýurduň ösüşinde ähmiýetli wezipäni eýeleýär. «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030--njy ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasynyň», «Türkmenistanyň ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynyň», «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasynyň» hem-de «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň» çäklerinde ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan sanly ykdysadyýeti tapgyrlaýyn durmuşa ornaşdyrmak, milli ykdysadyýetimizi düýpli ösdürmek, ilata hödürlenilýän bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak, gerimini has-da giňeltmek boýunça netijeli çäreler durmuşa geçirilýär. «Türkmenistanyň ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyna» laýyklykda bank ulgamynda ýerine ýetirilmeli işleriň arasynda bank kart ulgamyň programma üpjünçiliklerini kämilleşdirmek, galtaşyksyz töleg tehnologiýasyny hem-de «QR kod» tehnologiýasyny işe goýbermek üçin programma üpjünçilik enjamlaryny satyn almak we ornaşdyrmak ugry hem kesgitlenen.

2024-nji ýylyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip yglan edilmegi türkmen halkynyň taryhyna, milli ýörelgelerine, halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda toplan baý tejribesine esaslanyp, ählumumy parahatçylygyň we abadançylygyň maksatlaryna laýyk gelýän syýasaty alyp barýandygynyň aýdyň subutnamasy bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň ähli ugurlary bilen deň hatarda milli medeniýetimiz, nusgawy edebiýatymyz dünýä ýaýylýar. Şeýle ajaýyp döwürde Magtymguly Pyragynyň eserlerini öwrenmäge we ýaşlara ýetirmäge uly üns berilýär. Bu günki

gün akyldar şahyryň baý döredijiligi gymmatly hazyna öwrüldi. Şonuň üçin hem nusgawy edebiýatymyz. baý edebi mirasymyz düýpli we ählitaraplaýyn öwrenilýär. Nesil terbiýesi halkymyzyň asyrlarboýy üns berip gelýän esasy ugurlaryň biridir. Türkmen halkynyň milli däp-dessurlary asyrlar aşyp, kämilleşip, şu günlerimize gelip ýetipdir. Ata-babalarymyzyň milli mirasyny geljekki nesillere öwretmek esasy maksatlaryň biri bolup durýar. Şunda halkymyzyň aňynda, ynam-ygtykadynda öçmejek yz galdyran beýik akyldarymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň, belent ynsanperwerlik ýörelgesiniň ähmiýeti örän uludyr. Onuň döredijiligi halkyň ruhy galkynyşynyň, adaty durmuş hakykatynyň, ýaşaýyş pelsepesiniň, duýgy dünýäsiniň we häsiýet aýratynlyklarynyň özboluşly beýanydyr. Beýik akyldaryň öňe sürýän pikirlerinde esasy wezipe adamlary terbiýelemekden ybarat bolup durýar. Halkymyzyň terbiýeçilik işiniň düýp özeni ynsanperwerlige, milli däp-dessurlara, watansöýüjilige esaslanýar. Magtymguly Pyragy bolsa ajaýyp pähim-paýhasy, ýiti zehini bilen şol milli ýörelgelerimizi has-da baýlaşdyrdy.

Hormatly Prezidentimiz «Ýaşlar-Watanyň daýanjy» atly kitabynda şeýle belleýär: «Bu günki gün dünýä ykdysadyýetinde durnukly ösüşi gazanmagyň, ykdysadyýetde we halk hojalygynyň beýleki pudaklarynda netjeliligi ýokarlandyrmagyň esasy şerti hökmünde sanly ulgama geçmek ileri tutulýar. Döwür bilen aýakdaş gitmek üçin bu biziň ýurdumyzda-da şeýle bolmalydyr. «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» kabul edildi. Ol biziň bu ugurda milli derejede amala aşyrýan işlerimiziň hukuk binýadyny emele getirýär». Şu parasatly sözlerden görnüşi ýaly, ýurdumyzda sanly ulgamyň ornaşdyrylmagyna uly ähmiýet berilýär. Sanly ykdysadyýetde esasy maksat tizlik, amatlylyk we tygşytlylykdyr. Bu bolsa iň täze tehnologiýalar bilen berk baglanyşyklydyr. Biziň üçin elýeterli bolan tehnologiýalar ulgamy alyp barýan işlerimize täzeçil çemeleşmegimize hem-de döwrebap tehnologiýalary giňden peýdalanmagymyza uly mümkinçilikleri döredýär. Görnüşi ýaly, sanly bilim ulgamy ýurduň geljegi bolan ýaş nesliň kämil ösüşine,halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň ýokarlanmagyna, şeýle hem ýurduň ykdysadyýetiniň düýpgöter gowulandyrylmagyna oňyn täsirini ýetirýär.

Ösüşlere beslenýän häzirki ajaýyp döwürde hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän beýik işleriniň netijesinde ýaşlaryň-gejekki hünärmenleriň okamaklary, döredijilik we ylmy işler bilen meşgullanmaklary üçin ähli şertleriň döredilmegi bizi örän buýsandyrýar.

Hormatly Prezidentimiziň amala aşyrýan beýik işleri her birimizde çuňňur kanagatlanma duýgusyny döredýär. Bu möhüm işe ähli ukyp-başarnygymyzy bank ulgamynyň işgärleri, ýaş hünärmenleri bolup bank ulgamynyň ösüşine öz goşandymyzy goşup, netijeli işlemekligi we görkezijileri artyrmaklygy maksat edinýäris. Türkmen halkyna şeýle amatly mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun. Alyp barýan il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli beýik işleri rowaçlyklara beslensin!

**Merjen GURBANYÝAZOWA,**
Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň
«Galkynyş» şahamçasynyň baş buhgalteriniň orunbasary

# DÖWREBAP BANK HYZMATLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň durmuşa nazarlanan ykdysady saýasaty netijesinde raýatlarymyz bagtyýar durmuşda ýaşaýar. Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary, şol sanda bank ulgamy hem diwersifikasiýalaşdyrlyp ösdürilýär. «Türkmenistanyň Ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyna», «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» hem-de «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» laýyklykda, bank ulgamyna sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, töleg ulgamyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesinde guramak, geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, bu ugurda banklaryň bäsdeşligini ýokarlandyrmak babatynda netijeli işler alnyp barylýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň ähli künjeklerinde raýatlarymyzyň nagt däl hasaplaşyklaryň amatlyklaryndan peýdalanmak üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Söwda we hyzmat ediş nokatlaryndan başlap, ýangyç guýujy beketlerde, demir ýol we awiakassalarynda, poçta aragatnaşyk kärhanalarynda, dermanhanalarda we beýleki ýerlerde hasaplaşyklary töleg terminallary arkaly nagt däl görnüşinde geçirmek üçin doly mümkinçilik döredildi.

Bank ulgamy milli ykdysadyýeti maýa goýum serişdeleri bilen üpjün etmekde aýratyn ähmiýete eýe bolup, bu ulgamyň sanlylaşdyrylmagy işewürlik mümkinçiliklerini artdyrmaga, bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga, nagt däl hasaplaşyklar ulgamyny ösdürmäge, hyzmatlaryň täze, döwrebap görnüşlerini hödürlemäge, harajatlary we wagty tygşytlamaga ýardam berýär.

Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan dünýäniň öňdebaryjy innowasion tehnologiýalaryna daýanyp, nagt däl hasaplaşyklaryň gerimi has-da giňeldilýär, hyzmatlaryň hili we netijeliligi ýokarlandyrylýar. Sanly bank önümleriniň gerimini giňeltmek, geçirilýän hasaplaşyklary tizleşdirmek maksady bilen dürli görnüşli bank kartlaryny çykarmak we oňa hyzmat etmek, şeýle hem ýurdumyzyň sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda» ýaly onlaýn bank önümlerini ornaşdyrmak işlerine yzygiderli maýa goýum serişdeleri goýulýar.

«Internet-bank» hem-de «Mobil-bank» hyzmatlary müşderiniň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan isleglerini kanagatlandyrmaga, şol sanda, pul geçirimlerini tizleşdirmäge, hasaplaşyklar geçirilende wagty tygşytlamaga amatly mümkinçilikleri döredýär. Raýatlarymyza «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlary arkaly karzlaryň esasy bergilerini gaýtarmak we olara hasaplanan göterimleri tölemek, «Altyn asyr» öýjükli aragatnaşyk, internet, IP-telewideniýe, demirýol peteklериniň, şäherara ugurlarda gatnaýan awtobus peteklerini, Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň teatrlarynda gurnalýan tomaşa çäreleri üçin peteklerиň tölegleriní, ýurdumyzyň  ýokary we ýörite orta hünär okuw mekdepleriniň degişli tölegleriní, ilata edilýän jemagat hyzmatlarynyň tölegleriní (sarp edilen gaz, suw, elektrik togy) internet ulgamynyň üsti bilen amala aşyrmaga mümkinçilikler döredilen. Bu hyzmatlar ilatyň gymmatly wagtyny we serişdelerini tygşytlamaga hem-de islendik wagtda we islendik ýerde bank amallaryny özbaşdak geçirmäge oňaýly şert döredýär.

«Elektron söwda» - harytlaryň we hyzmatlaryň internet ulgamynyň üsti bilen hakyky wagt tertibinde ýerlenilmegidir. Ýurdumyzyň bank ulgamy tarapyndan «Elektron söwda» hyzmatynyň onlaýn hasaplaşyklary durmuşa ornaşdyrylýar. Bu hyzmata islegiň artmagy netijesinde nagt däl hasaplaşyk geçirmek arkaly elektron usulda täjirçilik işini alyp barýan telekeçileriň sany

günsaýyn artýar.

Sanly tehnologiýalaryň ösmegi, pul dolanşygynda serişdeleriň aýlanyş tizliginiň ýokarlanmagy hasaplaşyk usullarynyň kämilleşmegine mümkinçilik berýär. Bazar gatnaşyklarynda karz edaralary tarapyndan müşderilere hödürlenilýän nagt däl hasaplaşyklar boýunça bank hyzmatlarynyň ähmiýeti uludyr. Bank hyzmatlarynyň has kämil görnüşleriniň girizilmegi, daşary ýurt tejribesiniň düýpli öwrenilip, ýurdumyzyň bank ulgamyna ornaşdyrylmagy hyzmatlaryň döwrebap görnüşleriniň döremegine, bank ulgamynyň müşderileriniň sanynyň yzygiderli artmagyna hem-de, banklaryň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna ýardam edýär.

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek esasynda jemi içerki önümiň jan başyna düşýän möçberi babatda Türkmenistanyň girdejisi orta derejeden ýokary bolan ýurtlaryň hatarynda bolup, pul-karz, salgyt-býujet, nyrh emele getiriş, maýa goýum syýasaty netijeli amala aşyrylýar. Raýatlarymyzyň ýaşaýyş – durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak maksady bilen, ýokary amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlaryny satyn almak üçin berilýän ýeňillikli ipoteka karzlarynyň, şeýle hem beýleki maksatly karzlaryň möçberleri yzygiderli artdyrylyp, maliýe-bank hyzmatlary kämilleşdirilýär. Halkara maliýe guramalary bilen netijeli hyzmatdaşlyk ösdürilýär.

Milli ykdysadyýetimiziň önümçilik maksatly ugurlaryny ösdürmäge gönükdirilýän karz serişdeleriniň möçberini artdyrmaga, kiçi önümçilikleri höweslendirmäge, ilat üçin karz-maliýe serişdeleriniň möçberini köpeltmäge, karz göterimleriniň mundan beýläk-de, elýeterli bolmagyny gazanmaga, bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga aýratyn üns berilýär.

Ýurdumyzyň milli bank ulgamynda amala aşyrylýan işleriň netijesinde karz edaralarynyň kanunçylyk-hukuk binýady kämilleşdirilýär. Milli ykdysadyýetimizi maksatnamalaýyn ösdürmeklige gönükdirilen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin bank işjeňligi häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda gurnalýar, esasan hem müşderilere hödürlenýän bank önümleri diwersifikasiýalaşdyrylyp, dünýä banklarynyň iş tejribelerine laýyklykda täze hyzmatlar yzygiderli bank işjeňligine girizilýär. Pul dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, bank kartlary boýunça milli we halkara töleg ulgamynyň gerimini giňeltmek hem-de halkara tejribesiniň öňdebaryjy tilsimatlaryna esaslanýan nagt däl hasaplaşyklary has-da ýaýbaňlandyrmak boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar.

Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmaga we ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga gönükdirilen özgertmeleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, alyp barýan il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleri hemişe rowaç bolsun!

**MAÝAGÖZEL ATAÝEWA,**
Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň
Amallar bölüminiň başlygy

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

**2024-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**
Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 мая 2024 г.




**2024-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**
Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 мая 2024 г.




**2024-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**
Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 мая 2024 года




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**
Структура активов кредитных учреждений, (в %)



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)
Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## 2024-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 мая 2024 г.




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)
Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2024-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)
Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 мая 2024 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

